**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

**#36(267)**

четверг, 4 сентября 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

# Международные новости



## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**29-njy awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň sekiz aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.**

**Milli parlamentde**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy milli parlamentiň şu ýylyň ýanwar — awgust aýlarynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri barada maglumat berdi. Degişli ministrliklerden, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndan gelip gowşan tekliplerиň esasynda, geçen döwürde Türkmenistanyň Kanunlarynyň 15-si, şeýle hem Mejlisiň kararlarynyň 11-si kabul edildi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine taýýarlyk görmekde Ministrler Kabineti, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, häkimlikler, iri jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine gowy taýýarlyk görmegiň, ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

**Nebitgaz toplumynda**

Ýurdumyzda nebitiň we gazyň çykarylyşyny artdyrmak, olary dünýä bazaryna çykarmagyň ugurlaryny giňeltmek boýunça şu ýylyň ýanwar — awgust aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri baradaky hasabatda «Türkmennebit» döwlet konserni tarapyndan nebit çykarmakda ösüşiň üpjün edilýändigi aýdylýar.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, wisepremýere nebitgaz senagatyna degişli kärhanalaryň doly güýjünde işledilmegini gazanmak üçin degişli işleri geçirmegi dowam etdirmegi, geologiýa-gözleg we buraw işleriniň netijeliligini has-da ýokarlandyrmagy tabşyrdy.

**Oba hojalygynda**

Ýurdumyzyň welaýatlarynda şu ýylyň ýanwar — awgust aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri baradaky hasabatda bellenilişi ýaly, oba hojalyk pudagy boýunça önümçiligiň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 110,4 göterime barabar boldy. Bu görkeziji Oba hojalyk ministrligi boýunça 102,4 göterime, Daşky gurşawy goramak ministrligi boýunça 100,9 göterime, Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti boýunça 133,4 göterime, «Türkmenpagta» döwlet konserni boýunça 119,5 göterime, «Türkmengallaönümleri» döwlet birleşigi boýunça 103,8 göterime, «Türkmenobahyzmat» döwlet birleşigi boýunça 101,1 göterime, Azyk senagaty döwlet birleşigi boýunça 107,8 göterime, Maldarçylyk we guşçulyk senagaty döwlet birleşigi boýunça 100,8 göterime, «Türkmen atlary» döwlet birleşigi boýunça 102,5 göterime deň boldy. Maýa goýum serişdelerini özleşdirmegiň meýilnamasy 245,3 göterim ýerine ýetirildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, wisepremýere oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmek boýunça netijeli işleri geçirmegi dowam etdirmegi tabşyrdy.

**Medeniýetde**

Şu ýylyň ýanwar — awgust aýlarynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy, milli senenamamyzda göz öňünde tutulan baýramçylyklar we şanly seneler mynasybetli dürli medeni çärelerdir dabaralar geçirildi. 20-nji awgustynda Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde dutarçy bagşy-sazandalaryň arasynda yglan edilen «Çalsana, bagşy!» bäsleşiginiň jemleri jemlendi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň milli günleri, medeniýet we sungat ussatlarynyň konsertleri ýokary derejede geçirildi. Ýurdumyzyň ýaşlar kamera orkestri Awstriýanyň Wena şäherinde geçirilen XI Bütindünýä orkestr festiwalyna gatnaşyp, ýokary baýraklara mynasyp boldular.

Şeýle hem şu ýylyň sentýabr aýynda geçiriljek medeni çäreleriň Tertibi barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, medeniýet ulgamynyň işini kämilleşdirmekde alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО МАЛАЙЗИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Премьер-министру Малайзии Анвару Ибрахиму, XVII Верховному Главе Малайзии Султану Ибрахиму ибн Алмархуму Султану Искандару и народу страны по случаю Национального дня Малайзии.

Отметив, что Туркменистан высоко ценит дружественные отношения с Малайзией, которые последовательно укрепляются и содержательно обогащаются, глава государства выразил уверенность в их дальнейшем расширении и упрочении в интересах народов двух стран.

Пользуясь приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов адресовал Премьер-министру Анвару Ибрахиму и XVII Верховному Главе Султану Ибрахиму ибн Алмархуму Султану Искандару искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Малайзии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА КЫРГЫЗСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Кыргызской Республики Садыру Жапарову и всему братскому народу страны по случаю Дня независимости Кыргызской Республики.

«В настоящее время традиционно братские отношения между Туркменистаном и Кыргызстаном, основанные на принципах добрососедства, дружбы и доверия, наполняются новым содержанием», – подчеркнул в своём послании глава Туркменского государства, выразив твёрдую убеждённость, что благодаря совместным усилиям туркмено-кыргызские межгосударственные связи будут и далее расширяться и укрепляться на благо двух братских народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил искренние пожелания Президенту Садыру Жапарову крепкого здоровья, счастья и благополучия, а братскому народу Кыргызской Республики – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

*(Окончание на 2-й стр.)*



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNA IŞ SAPARY BAŞLANDY

2025-nji ýylyň 31-nji awgustynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) sammitine hem-de Ikinji jahan urşunda gazanylan ýeňşiň 80 ýyllygyna bagyşlanan dabaralara gatnaşmak üçin Hytaý Halk Respublikasyna iş sapary bilen ugrady. Aşgabadyň Halkara howa menzilinde döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň resmi adamlary ugratdylar.

Sebit howpsuzlygyny pugtalandyrmak, ykdysady, medeni gatnaşyklary ösdürmek bilen baglylykda, Türkmenistanyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy barha uly ähmiýete eýe bolýar. Türkmenistan ŞHG-ä agza döwletler bilen dürli formatlarda hyzmatdaşlyk edýär. Bu bolsa Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki ornuny pugtalandyrmaga we goňşy döwletler bilen özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge ýardam berýär.

...Türkmenistanyň Prezidentiniň uçary iki ýurduň Döwlet baýdaklary bilen bezelen Týanszin şäheriniň Halkara howa menziline gelip gondy. Belent mertebeli myhmanyň hormatyna bu ýerde Hormat garawulynyň esgerleri nyzama düzülipdir.

Türkmenistanyň döwlet Baştutanyny Hytaý Halk Respublikasynyň resmi adamlary hem-de Türkmenistanyň wekiliýetiniň agzalary mähirli garşyladylar. Howa menzilinden hormatly Prezidentimiz sapar wagty özi üçin niýetlenen kabulhana ugrady.

Günüň ikinji ýarymynda döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow «Meýszýan» sergi we maslahatlar merkezine bardy.

Merkeziň foýesinde Türkmenistanyň Prezidentini HHR-iň Başlygy Si Szinpin hem-de onuň maşgalasy mähirli garşyladylar we bilelikde surata düşdüler.

Sammite gatnaşýan wekiliýet ýolbaşçylarynyň bilelikde surata düşmek dabarasyndan soňra, bu ýerde belent mertebeli myhmanlaryň hormatyna HHR-iň Başlygy Si Szinpiniň we onuň maşgalasy Pen Liýuanyň adyndan agşamlyk nahary berildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň HHR-e iş sapary dowam edýär.

# THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN TOOK PART IN THE SUMMIT OF THE SHANGHAI COOPERATION ORGANIZATION




On September 1, 2025, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov, who is on a working visit to the People's Republic of China, took part in the Summit of the Shanghai Cooperation Organization.

The high-level meeting, held under the chairmanship of the leader of the People's Republic of China, was attended by Heads of state and government of SCO member countries, observer states and dialogue partner countries, as well as leaders of major international organizations.

Opening the Summit, the President of the People's Republic of China, Xi Jinping, expressed his gratitude to everyone for the accepted invitation, emphasizing the importance of the «SCO+» format. Noting that concrete steps aimed at ensuring peace, sustainable development and prosperity in the region will be discussed, the Chinese leader expressed confidence that the meeting will be productive.

Then the floor was given to the participants of the meeting.

Having greeted the gathering, President Serdar Berdimuhamedov first of all thanked the President of the People's Republic of China Xi Jinping for the invitation to participate in the current Summit of the Shanghai Cooperation Organization as an honored guest, for the warm hospitality and excellent working conditions.

Turkmenistan's participation in SCO summits as a guest of honor has become a long-standing good tradition, the Head of state continued.

At the same time, the constructive role of the Shanghai Organization in continental and global processes, its great contribution to the establishment of a fair and balanced system of the modern world system was confirmed.

During the meeting of the Summit in the «SCO+» format, the President of the People's Republic of China, Xi Jinping, presented a new internationally important proposal - the Global Governance Initiative. It was emphasized that this idea coincides with Turkmenistan's conceptual vision of the process of further improvement of the architecture of international relations, collective management, based on the principles of equality, justice and mutual respect.

President Serdar Berdimuhamedov declared his support for China's initiative and expressed readiness to cooperate with his Chinese colleagues on its practical implementation.

In this context, the always constructive position of the Organization towards the foreign policy course, neutrality, and international initiatives of Turkmenistan was emphasized. As noted, the states that are part of the Shanghai Organization supported and co-authored the UN General Assembly resolutions proposed by Turkmenistan.

President Serdar Berdimuhamedov said that it is with special feeling and gratitude that he speaks about the upcoming 30th anniversary of the international recognition of the country's neutrality, which will be celebrated on December 12 of this year. The Head of state noted that Turkmenistan will be glad to welcome high-level delegations of all states of the Shanghai Organization to the upcoming celebrations in Ashgabat.

The defining vector of the relations between Turkmenistan and the SCO is the economic sphere, the Head of state emphasized, identifying among the priorities transport and logistics, communications, energy, trade, production cooperation.

A special emphasis was placed on the transport component, where there are real opportunities for building a logistics highway along the East-West and North-South lines, in which the SCO countries and Turkmenistan are called as key links. It was emphasized that this will contribute to the creation of conditions for the formation of an integrated geo-economic space from the Pacific Ocean to the Baltic, which includes large and dynamically developing economic zones - the Asia-Pacific region, Central and South Asia, Russia, the Middle and the Middle East.

The Trans-Caspian and Caspian routes were specially se-

(continuation on the 3rd page).

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ УЗБЕКИСТАН

*(Начало на 1-й стр.)*

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Узбекистан Шавкату Мирзиёеву и всему братскому народу страны по случаю Дня независимости Республики Узбекистан.

«Сегодня Республика Узбекистан уверенно идёт по пути прогресса и процветания в политической, социально-экономической и других сферах. Мы рады достижениям нашего близкого соседа», – подчеркнул в своём послании глава Туркменского государства.

С удовлетворением отметив, что нынешние двусторонние отношения между Туркменистаном и Республикой Узбекистан носят конструктивный и устойчивый характер, развиваются по самому широкому спектру направлений, Президент Сердар Бердымухамедов выразил твёрдую убеждённость, что благодаря совместным усилиям туркмено-узбекские братские отношения будут и далее развиваться и углубляться на благо обоих народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Шавкату Мирзиёеву пожелания крепкого здоровья, счастья и дальнейших успехов в ответственной государственной деятельности, а братскому народу Республики Узбекистан – мира, благополучия и процветания!

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА СОЦИАЛИСТИЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ВЬЕТНАМ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Социалистической Республики Вьетнам Лыонг Кыонгу по случаю национального праздника – 80-летия Дня независимости Социалистической Республики Вьетнам.

Пользуясь приятной возможностью, глава Туркменистана адресовал Президенту Лыонг Кыонгу искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Вьетнама – мира, прогресса и процветания.

# THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN TOOK PART IN THE SUMMIT OF THE SHANGHAI COOPERATION ORGANIZATION

(beginning on the 2nd page)

lected. The Head of the state emphasized that the general task is to translate them into a practical way.

The most important aspect is the favorable political and legal climate for transportation on the Caspian Sea, which opens up good prospects for participation in the trade and economic activities of the Caspian states of the SCO, noted President Serdar Berdimuhamedov, reminding that the importance of the Caspian as the shortest and most convenient route for landlocked developing countries that was recently held in Turkmenistan was discussed in detail.

Focusing the attention of the Summit participants on the possibilities of the Turkmenbashi International Seaport, President Serdar Berdimuhamedov confirmed his readiness for a practical dialogue on the use of this multifunctional terminal in the interests of the Shanghai Cooperation Organization.

The Head of State continued that it is appropriate to initiate cooperation in shipbuilding, expressing confidence that partnership in this industry can bring significant mutual benefits.

President Serdar Berdimuhamedov declared that Turkmenistan is ready to increase the volume of natural gas exports to the SCO countries.

As stated, the development of humanitarian cooperation between the countries of the SCO, the strengthening of cultural, scientific-educational and other ties in the social sphere will always be of special importance.

President Serdar Berdimuhamedov emphasized that Turkmenistan considers this meeting at the highest state level an important step in the development of relations with the Shanghai Cooperation Organization, confirming the country's commitment to practical steps to realize joint opportunities in common interests, strengthening friendship, good neighborliness and trust.

In conclusion, the Head of state once again expressed his gratitude to the President of the People's Republic of China for inviting him to this important Summit.

During the Summit, urgent issues of development of cooperation were also discussed, including those related to increasing cooperation in the economic, energy, cultural and humanitarian spheres, in the field of innovation and high technologies.

At the end of the meeting at the summit, the President of the People's Republic of China Xi Jinping, expressing his gratitude to the President of Turkmenistan for the accepted invitation, noted the importance of the deeply meaningful speech of the Head of state.

The working visit of the President of Turkmenistan to the People's Republic of China continues.



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ BAŞLYGY BILEN DUŞUŞDY

2025-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Hytaý Halk Respublikasynda iş saparynda bolýan Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Pekin şäherine ugramak üçin Týanszin şäheriniň demir ýol menziline bardy. Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy dostlukly ýurduň resmi adamlary dabaraly ýagdaýda ugratdylar.

Biraz salymdan Türkmenistanyň döwlet Baştutany ýörite otluda Pekiniň demir ýol menziline geldi. Bu ýerde Türkmenistanyň Prezidenti myhmansöýerligiň asylly däbine görä, mähirli garşylanyldy.

Günüň ikinji ýarymynda Türkmenistanyň döwlet Baştutany Hytaýyň Halk ýygnaklar öýüne bardy. Bu ýerde Prezident Serdar Berdimuhamedow bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň arasynda resmi duşuşyk geçirildi.

HHR-iň Baştutany Prezident Serdar Berdimuhamedowy mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip Hytaýa gelendigi üçin Türkmenistanyň döwlet Baştutanyna hoşallyk bildirdi hem-de pursatdan peýdalanyp, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza mähirli salamyny ýetirmegi haýyş etdi.

Şeýle-de Si Szinpin Prezident Serdar Berdimuhamedowy ýakynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň üstünlikli geçirilmegi bilen gutlady. Ol «Merkezi Aziýa - Hytaý» formatyndaky sammitiň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti bilen bolan duşuşygyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny aýdyp, onuň netijeleri boýunça bilelikdäki işleri durmuşa geçirmäge taýýardygyny tassyklady.

Türkmenistanyň döwlet Baştutany Hytaýa gelmäge çakylyk hem-de bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, Si Szinpini ŞHG-niň sammitiniň üstünlikli geçirilmegi we Ýeňşiň 80 ýyllygy bilen gutlady hem-de oňa Gahryman Arkadagymyzyň mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Hytaýyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyna berýän goldawyna, ýurdumyzyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň kabul eden ençeme Kararnamalarynyň awtordaşy bolup çykyş etmegine ýokary baha berilýär. Şunuň bilen baglylykda, Prezident Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň HHR-iň Başlygynyň ŞHG-niň sammitinde beýan eden Ählumumy dolandyryş başlangyjyny goldaýandygyny nygtady.

HHR-iň Başlygy Prezident Serdar Berdimuhamedowy Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy bilen gutlap, Hytaýyň Türkmenistanyň bu halkara hukuk ýagdaýyna esaslanýan parahatçylyk döredijilikli daşary syýasatyna ýokary baha berýändigini belledi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Hytaý Türkmenistanyň esasy daşary ykdysady hyzmatdaşy bolup durýar. Gaz pudagy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň strategik ugrudyr.

Türkmenistanyň Prezidenti iri «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyryny özleşdirmek boýunça geçirilen halkara bäsleşikde hytaý tarapynyň ýeňiji bolandygyny aýtdy we Başlyk Si Szinpini bu waka bilen gutlady. Şeýle-de döwlet Baştutany Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda gaz hyzmatdaşlygynyň esasy ýörelgeleri hakynda Baş ylalaşygyň taslamasynyň taýýarlanylandygyny aýtdy we geljekde bu hyzmatdaşlygyň Baş ylalaşykdaky ýörelgeler esasynda ösdüriljekdigini nygtady.

HHR-iň Başlygy Türkmenistan bilen bu möhüm ulgamda hyzmatdaşlyk etmegiň Hytaý üçin uly hormatdygyny belledi hem-de hytaý tarapyna bu ugurda Türkmenistanda işlemäge döredilýän şertler hem-de goldawlar üçin hoşallyk bildirdi.

Şeýle-de Si Szinpin HHR-iň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde, şol sanda «Merkezi Aziýa - Hytaý» formatynda mundan beýläk-de ösdürmäge taýýardygyny tassyklady.

Ulag-logistika hyzmatdaşlygy hem möhüm ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek» strategiýasy Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy bilen mazmuny boýunça gabat gelip, biri-biriniň üstüni ýetirýär.

Türkmenistanyň döwlet Baştutany bu maksatlara ýetmekde Merkezi Aziýa sebitine möhüm ornuň degişlidigini, Türkmenistanyň «Merkezi Aziýa - Hytaý» dialogyny goldaýandygyny we oňa işjeň gatnaşýandygyny belledi.

Türkmen-hytaý döwletara gatnaşyklarynyň gün tertibinde medeni-ynsanperwer ulgam, hususan-da, bilim ulgamy wajyp orny eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, Prezident Serdar Berdimuhamedow Hytaýyň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan türkmen talyplarynyň bilim almagyna döredilýän amatly şertler üçin hytaý tarapyna minnetdarlyk bildirip, ýurdumyzyň HHR bilen bilim ulgamyndaky gatnaşyklary giňeltmegi maksat edinýändigini tassyklady.

Şeýle hem ylmy hyzmatdaşlygyň, bu ugurda bilelikdäki taslamalary amala aşyrmagyň möhüm ähmiýeti bellenildi.

Türkmenistanyň döwlet Baştutany häzirki wagtda parlament, jemgyýetçilik, zenanlar we ýaşlar diplomatiýasynyň hem ornunyň barha ýokarlanýandygyny aýdyp, Türkmenistanyň bu ugurlar boýunça bilelikdäki çäreleri ara alyp maslahatlaşmaga taýýardygyny tassyklady.

2025-nji ýyl Türkmenistanyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi» diýip, Prezident Serdar Berdimuhamedow aýtdy we Başlyk Si Szinpini bu waka hem-de Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli 12-nji dekabrda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma çagyrdy.

HHR-iň Başlygy çakylyk üçin hoşallyk bildirip, Hytaýyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine hormat goýýandygyny we onuň parahatçylyk döredijilikli daşary syýasatyny goldaýandygyny aýtdy.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Hytaýyň ygtybarly dostudygyny, onuň gazanýan üstünliklerine ýurdumyzda guwanylýandygyny aýdyp, Si Szinpiniň ýolbaşçylygynda HHR-iň mundan beýläk-de uly üstünlikleri gazanjakdygyna ynam bildirdi.

Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy hoşniýetli sözler üçin hoşallyk bildirip, şu gezekki ýokary derejedäki duşuşyga uly ähmiýet berilýändigini belledi we HHR-iň Türkmenistan bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek ugruna berk ygrarlydygyny tassyklady. Şeýle-de ol Prezident Serdar Berdimuhamedowyň beýan eden tekliplerini goldaýandygyny aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda döwlet Baştutanlary türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň iki

(Dowamy 4-nji sahypada).

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNA IŞ SAPARY TAMAMLANDY



2025-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasyna saparynyň çäklerinde HHR-iň Başlygy Si Szinpiniň çakylygy boýunça Ikinji jahan urşunda gazanylan ýeňşiň 80 ýyllygynyň hormatyna Pekinde geçirilen dabaraly çärelere gatnaşdy.

Pekiniň Týananmen meýdançasynda wekiliýet ýolbaşçylarynyň bilelikde surata düşmek dabarasyndan soňra, bu ýerde dabaraly harby ýöriş geçirildi. Bu dabaraly ýöriş Hytaýyň parahatçylyga, milli gahrymanlaryň ýagty ýadygärligini hatyralamaga ygrarlydygynyň beýany boldy.

Türkmenistanyň döwlet Baştutany Hytaýa şu gezekki saparynyň dowamynda giň gerimli çärä — «ŞHG+» formatyndaky ýokary derejeli duşuşyga gatnaşdy. Prezident Serdar Berdimuhamedowyň bu sapary Türkmenistanyň köpugurly daşary syýasatynyň pugtalanýandygyny we onuň sebitiň döwletleri bilen dialogy giňeltmegi maksat edinýändigini tassyklaýan möhüm waka öwrüldi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy bilen geçiren ýokary derejeli gepleşikleri saparyň esasy wakasy boldy. Iki ýurduň Baştutanlary strategik ulgamlarda hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn üns berip, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň meseleleriniň giň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar.

Saparyň çäklerinde Prezident Serdar Berdimuhamedow HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary bilen duşuşdy. Söhbetdeşligiň dowamynda söwda-ykdysady, ulag-logistika ulgamlarynda hyzmatdaşlygy giňeltmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Taraplar medeni-ynsanperwer, ýokary tehnologiýalar ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň zerurdygyny nygtadylar.

Birnäçe möhüm ikitaraplaýyn resminamalara gol çekilmegi saparyň esasy netijeleriniň biri boldy. Bu resminamalar dürli ugurlary öz içine alyp, strategik hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de çuňlaşdyrmak we bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin berk hukuk binýadyny döredýär.

Prezident Serdar Berdimuhamedow HHR-e iş saparynyň maksatnamasyny tamamlap, Pekiniň Halkara howa menziline bardy we bu ýerden Watanyna ugrady. Türkmenistanyň döwlet Baştutanyny dostlukly ýurduň resmi adamlary ugratdylar.

Birnäçe sagatdan soňra, Türkmenistanyň Prezidentiniň uçary Aşgabadyň Halkara howa menziline gelip gondy. Bu ýerde Döwlet Baştutanyny ýurduň resmi adamlary mährili garşyladylar hem-de dostlukly ýurda saparynyň üstünlikli geçmegi bilen tüýs ýürekden gutladylar.

Prezident Serdar Berdimuhamedowyň bu sapary Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk derejesiniň ýörelgelerine laýyklykda, netijeli dialoga hem-de ähli umumy meseleleriň çözgütlerini işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşmaga taýýardygyny görkezdi.



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ BAŞLYGY BILEN DUŞUŞDY

*(Başlangyjy 3-nji sahypada).*

ýurduň dostlukly halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege rowaçlyk we abadançylyk baradaky arzuwlaryny beýan etdiler.

* * *

Hormatly Prezidentimiziň Hytaý Halk Respublikasyna saparynyň çäklerinde türkmen wekiliýetiniň agzalarynyň hytaý tarapynyň wekilleri bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirildi. Olarda dürli ulgamlarda hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Intellektual eýeçilik meselesine aýratyn üns berildi. Iki ýurduň bilim ulgamynyň wekilleri akademiki gatnaşyklary pugtalandyrmagyň, bilelikdäki ylym-bilim taslamalaryny durmuşa geçirmegiň ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

Medeni hyzmatdaşlyk dialogyň esasy ugurlarynyň biri boldy. Şunda muzeý işine aýratyn üns berildi. Duşuşyklaryň dowamynda köpçülikleýin habar beriş serişdeleri ulgamynda hyzmatdaşlyk etmegiň meseleleride ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlyga bagyşlanan duşuşykda taraplar infrastruktura taslamalaryny giňeltmek bilen baglanyşykly meselelere ünsi çekip, logistikany gowulandyrmak, awtomobil, demir ýollary ösdürmek babatda pikir alyşdylar. Energetika ulgamyna bagyşlanan duşuşykda türkmen we hytaý tarapynyň wekilleri energetika infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmak, energiýanyň durnukly önümçiligi üçin tehnologiýalary ösdürmek bilen bagly pikirlerini paýlaşdylar.

Duşuşyklaryň netijeleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalara gol çekildi. Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Lançžou uniwersitetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Milli intellektual eýeçilik boýunça edarasynyň arasynda intellektual eýeçilik babatda hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Şekillendiriş sungaty muzeýi bilen Hytaýyň Milli muzeýiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; «Altyn asyr» elektron gazetiniň redaksiýasy (Türkmenistan) bilen «Ženmin Žibao» neşiriniň (Hytaý Halk Respublikasy) arasynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama bar.

# TELEPHONE CONVERSATION BETWEEN THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN AND THE PRESIDENT OF THE REPUBLIC OF KOREA

On August 29, 2025, a telephone conversation took place between the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov and the President of the Republic of Korea Lee Jae-myung.

Having exchanged warm greetings, the interlocutors expressed satisfaction with the opportunity to discuss priority areas of interstate dialogue.

Having congratulated Lee Jae-myung on his election as President of the Republic of Korea, the head of the Turkmen state wished him great success in his responsible state activities.



Having thanked for the congratulations and good wishes, President Lee Jae-myung emphasized the great importance attached in the Republic of Korea to building up multifaceted cooperation with Turkmenistan. Noting the significant contribution of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslakhaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov to strengthening bilateral relations, the head of the friendly state, taking the opportunity, conveyed warm words of greeting and best wishes to Hero Arkadag.

As noted during the conversation, our countries maintain active contacts both at the bilateral level and within the framework of authoritative international organizations, primarily the UN.

At the same time, Turkmenistan and the Republic of Korea cooperate at the regional level in the Central Asia - Republic of Korea format, which promotes enhanced interaction in such areas as energy, transport, ecology, healthcare and culture.

In this regard, President Serdar Berdimuhamedov noted the trade and economic partnership between the two countries: over the years, positive experience has been accumulated in interaction with leading Korean companies such as Hyundai, Daewoo and LG.

The head of the friendly state expressed gratitude to the President of Turkmenistan for the favorable conditions provided to Korean companies for fruitful work in the Turkmen market.

The cultural and humanitarian sphere occupies a special place in bilateral cooperation. The Korean language is taught in higher educational institutions of Turkmenistan, mutual Culture Days and other thematic events are held. In this regard, the interlocutors emphasized the huge potential for enhancing targeted cooperation.

As the head of state noted, at the initiative of Turkmenistan, the UN General Assembly declared 2025 the "International Year of Peace and Trust". In this regard, an international forum will be held in Ashgabat on December 12. This significant date coincides with the 30th anniversary of our country's neutrality. Speaking about this, President Serdar Berdimuhamedov invited President Lee Jae-myung to the upcoming representative forum.

Having thanked for the invitation, the President of the Republic of Korea noted the broad support from the world community for Turkmenistan's peacekeeping foreign policy based on positive neutrality.

In conclusion, expressing confidence in the further development of interstate relations in a wide range of areas thanks to joint efforts, President Serdar Berdimuhamedov and President of the Republic of Korea Lee Jae-myung exchanged best wishes, including to the friendly peoples of the two countries.



# BILIM ULGAMYNDA BELENT ÜSTÜNLIKLER

***1-nji sentýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda paýtagtymyzda Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň açylyş dabarasy geçirildi.***

Irden Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň öňündäki meýdançada Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, Hökümet agzalary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary, Aşgabat şäheriniň häkimi, daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň, işewürler bileleşiginiň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, halk köpçüligi we talyplar ýygnandylar. Dabara gatnaşyjylar türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy uly şatlyk-şowhun bilen garşyladylar. Bu ýerde ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň çykyşlary ýaýbaňlandyryldy.

Soňra Gahryman Arkadagymyz täze ýokary okuw mekdebiniň açylyş dabarasy mynasybetli Gutlag sözi bilen çykyş etdi. Gahryman Arkadagymyzyň çykyşy uly ruhubelentlik bilen diňlenildi.

Dabaranyň tolgundyryjy pursady gelip ýetdi: ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow toý bagyny kesdi.

Gahryman Arkadagymyz uniwersitetiň baş binasynyň eýwanyndaky diwarlaryň yüzünde mozaika görnüşinde ýerine ýetirilen, gadymyýetde söwda eden türkmen täjirlerini şekillendirýän, häzirki döwürde telekeçileriň dürli ugurlarda, şol sanda ylymda, bilimde, innowasion tehnologiýalar ulgamynda ýeten sepgitlerini beýan edýän surat eserini synlady.

Soňra bu ýerde ýörite gurnalan monitorda uniwersitetiň desgalary, olarda göz öňünde tutulan mümkinçilikler, okuw ugurlary bilen tanyşdyrýan wideoşekiller görkezildi.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri döwrebap ýokary okuw mekdebiniň barlag-tejribehana otaglaryna baryp, olarda döredilen şertler we enjamlaşdyrylyşy bilen tanyşdy. Ilki bilen, Gahryman Arkadagymyz uniwersitetiň halkara maliýe we birža barlag-tejribehana otagyna bardy. Täze uniwersitetiň mugallymy Milli Liderimizi mübärekläp, tejribe sapagynda dürli görnüşli maliýe amallarynyň ýerine ýetirilişi barada gürrüň berdi.

Halk Maslahatynyň Başlygy dünýä biržalarynyň häzirki ýagdaýy bilen gyzyklandy hem-de bu ýokary okuw mekdebiniň uçurymlarynyň ýurdumyzyň gazna bazaryny ösdürmäge uly goşant goşjakdyklaryna ynam bildirdi.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri uniwersitetiň ilkinji talyby bolmak bagty miýesser eden ýaşlar bilen söhbetdeş bolup, olaryň öz öňlerinde goýan maksatlary bilen gyzyklandy.

Soňra hormatly Arkadagymyz uniwersitetiň ekinleriň seleksiýasy we tohumçylygy barlag-tejribehana otagyna bardy. Uniwersitetiň mugallymy Milli Liderimizi bu ýerde döredilen şertler bilen tanyşdyrdy.

Soňra Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow täze uniwersitetiň gurluşyk materiallary we konstruksiýalary barlag-tejribehana otagynda döredilen şertler bilen tanyşdy.

Soňra barlaghana otagynda uniwersitetiň talyby Gahryman Arkadagymyzy Italiýanyň «IDS» kompaniýasynyň enjamy bilen tanyşdyrdy. Nygtalyşy ýaly, bu enjam beton gurluşyklaryny barlamak, turbalary we kabelleri tapmak, betonyň galyňlygyny ölçemek üçin ulanylýar.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň gurluşyk we senagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary B.Annamämmedow Gahryman Arkadagymyza talyplaryň özleşdiren bilimlerini tejribede berkitmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Milli Liderimiz ýaşlaryň gurluşyk we seýsmologiýa ugry boýunça alan bilimlerini has-da kämilleşdirmek üçin ony gurluşyk meýdançalarynda dowam etmelidigine ünsi çekdi we bu babatda birnäçe maslahatlaryny berdi.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow uniwersitetiň howlusynda ýaýbaňlandyrylan, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň öndürýän önümleriniň sergisi bilen tanyşdy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň rektoryna şanly waka mynasybetli hormatly Prezidentimiziň adyndan sowgat berilýän täze awtoulaglaryň açarlaryny gowşurdy.

Ýokary okuw mekdebiniň ýolbaşçysy açylyş dabarasyna gatnaşýandygy üçin türkmen halkynyň Milli Liderine, şeýle döwrebap bilim ojagyny gurduryp berendigi üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, uniwersitetiň professor-mugallymlarynyň, ähli işgärleriniň adyndan sagbolsun aýtdy.

Soňra Gahryman Arkadagymyz uniwersitetiň sport toplumynyň binasyna bardy. Uniwersitetiň sport toplumynda dürli sport çärelerini geçirmek, bedenterbiýe bilen meşgullanmak üçin ähli mümkinçilikler döredilipdir.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow uniwersitetiň mejlisler jaýynda Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli talyplaryň, professor-mugallymlaryň öňünde beýanat bilen çykyş etdi. Gahryman Arkadagymyzyň beýanaty Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň geljegi nazarlaýan, öňdengörüjilikli daşary hem-de içeri syýasatyna bagyşlandy.

Soňra Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň binalarynyň hil babatda ýokary görkezijilere eýedigini tassyklaýan halkara derejeli güwänamalar we baýraklar gowşuryldy. Bu ýerde türkmen halkynyň Milli Lideri Hormatly myhmanlaryň kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy.

Milli Liderimizden şanly waka mynasybetli Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň işgärleriniň hem-de talyp ýaşlarynyň adyndan ajaýyp türkmen halysyny Arkadagly Gahryman Serdarymyza sowgat hökmünde gowşuryp bermegi uly hormat bilen haýyş edildi.

Ýurdumyzyň medeniýet we sungat ussatlarynyň ýerine ýetirmeginde joşgunly aýdym-sazlaryň ýaňlanmagy dabaranyň ajaýyp jemlemesine öwrüldi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz döwrebap ýokary okuw mekdebiniň açylmagy bilen ýygnananlary ýene bir gezek gutlady we olara alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.



## BRIEFING ON THE PRIORITY POSITIONS OF TURKMENISTAN AT THE 80TH SESSION OF THE UN GENERAL ASSEMBLY WAS HELD IN THE MINISTRY OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN

On August 30, 2025, the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan hosted a briefing on the Priority Positions of Turkmenistan at the successive, 80th session of the United Nations General Assembly.

Among the participants of the briefing there were the ladership and staff members of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, heads and representatives of diplomatic missions and representative offices of international organizations accredited in Ashgabat, as well as representatives of the national mass media.

In his speech, Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov especially emphasized the importance of the upcoming, jubilee 80th session of the UN General Assembly, noting that this is an important milestone symbolizing the sustainability and relevance of multilateral diplomacy.

It was emphasized that Turkmenistan proceeds from the fact that the policy of positive neutrality, based on trust and respect, is an effective tool for strengthening stability, preventing conflicts and developing international cooperation.

The briefing participants exchanged views and spoke in favor of continuing close cooperation on the path to implementing the tasks within the framework of the Priority Positions of Turkmenistan at the 80th session of the UN General Assembly.



During the briefing, the active and constructive role of Turkmenistan in peacebuilding, promoting regional and international stability and sustainable development was noted.

## THE DELEGATION OF TURKMENISTAN TOOK PART IN THE BLED STRATEGIC FORUM

On September 1-2, 2025, in Bled (Slovenia), the delegation of Turkmenistan, headed by Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Myahri Byashimova, took part in the anniversary Bled Strategic Forum. The Turkmen delegation took part in the opening ceremony of this international discussion platform.

As part of the forum, M. Byashimova spoke at the round table "The Centrality of Central Asia", where the prospects and priorities of cooperation between the European Union and the countries of Central Asia were discussed.

In her speech, the Deputy Minister emphasized the importance of Turkmenistan's policy of permanent neutrality as an instrument of trust and dialogue, as well as the country's role in the development of transport and energy connectivity in Eurasia, including participation in the Trans-Caspian Transport Corridor and green energy initiatives.

* * *

During the visit, bilateral meetings were also held between Deputy Foreign Minister Myahri Byasimova and State Secretary of the Ministry of Foreign Affairs of Slovenia for Multilateral Cooperation, Political Affairs and Development Dr. Melita Gabrič and Adviser to the President of Slovenia on Foreign Policy Damjan Bergant.



The parties discussed strengthening contacts at the highest level, developing trade and economic ties, cooperation in the field of education, as well as holding the next round of political consultations in Ljubljana.

At the meetings, it was noted that Turkmenistan and Slovenia have significant potential for expanding cooperation in various areas, including energy, transport, education and cultural exchanges.

The parties also confirmed their intention to actively interact on international platforms, including in UN structures and within the framework of the EU-Central Asia regional partnership.

Particular attention was paid to organizing events with the participation of business circles of the two countries.

M. Byashimova invited the Slovenian side to take part in the international forum for peace and trust, which will be held in Ashgabat on December 12, 2025.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

**Обсуждены актуальные вопросы туркмено-узбекского сотрудничества**

29 августа 2025 года в МИД Республики Узбекистан состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Республике Узбекистан Ш.Мередова с Заместителем министра иностранных дел Республики Узбекистан Б.Усмановым.

В ходе переговоров стороны обсудили нынешнее состояние и перспективы двустороннего сотрудничества в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах.

Стороны также обменялись мнениями о предстоящих мероприятиях в рамках двустороннего и многостороннего сотрудничества.

**Туркмено-корейское сотрудничество**

4 сентября 2025 года в Национальной дипломатической академии Республики Корея (KNDA) было проведено мероприятие под названием «Диалог с послами KNDA 2025» с участием министра иностранных дел этой страны Чо Хёна, ректора академии и глав дипломатических миссий, находящихся в Сеуле.

В ходе мероприятия были обсуждены направления и цели внешней политики нового правительства Республики Корея.

В кулуарах встречи Посол Туркменистана Б.Дурдыев и Министр иностранных дел Чо Хён провели краткую беседу.

В ходе беседы состоялся обмен мнениями по итогам телефонного разговора Президентов Туркменистана и Республики Корея, состоявшегося 29 августа текущего года.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***